# Has beter

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Has beter HAS BETER

Ulurak sepgide ýeten mahalyñ,
Göripleriñ, gözi gider has beter.
Sepgidiñe guwanmaz, dost, hem duşman,
Barysy maý tapsa, peslige iter.

Bozulmagyn, herne agyr bolsa-da,
Daş töwerek ýaman munda, sen bolma.
Töhmet atyp, abraýña dil ýetseler,
Üns berme, ýa ümsüm dur, deñ bolma.

Geçmişiñe gaýtadan ser salyp gör,
Pikir et, ejizkäñ, kim arka durdy?
Geler hyýalyña müñ dürli oýlar,
Has erbedi, … » dost arka hanjar urdy » .

Bu dünýäde, her kim bir zat isleýär,
Emma köp islegler, hasyl bolanok.
Şonuñ üçin maksadyña ýet özüñ,
Wezipäñ bolmasa, kömek etjek ýok.

Herne ulalsañ-da, ýamanlar içre,
Göwher mysal, gymmatyñy ýitirme.
Ýagşy bol, ýagşylyk halkyña eçil,
Göwnüñe men-menlik, asla getirme.

Şirnazar TAGANOW. Goşgular